“Risale i Nur” Ýygyndysyndan

# MÜBÄREK ORAZA AÝY BARADA

Ýazary: Bediüzzaman Said Nursi

# Mübärek oraza aýy barada

(Birinji bölümiň ahyrynda Yslamyň kada-kanunlary barada az-kem gürrüň edipdik. Bu bölümde bolsa mübärek oraza aýynda agyz beklemegiň ençeme hikmetlerinden dokuzysy beýan edilýär)

بِسْمِ اللهِ الرَّحْمٰنِ الرَّحِيم

شَهْرُ رَمَضَانَ الَّذِى أُنْزِلَ فِيهِ الْقُرْاٰنُ هُدًى لِلنَّاسِ وَ بَيِّنَاتٍ مِنَ الْهُدٰى وَ الْفُرْقَانِ

(Mübärek oraza aýynda agyz beklemek Yslamyň bäş şertiniň ilkinjilerindendir hem-de Yslamyň hökmany berjaý edilmeli kanunydyr)

Oraza aýynda agyz beklemegiň ençeme hikmetleri bolup, Haktagalanyň rububiýeti, adamyň jemgyýetçilik hem şahsy durmuşy, nebsiň terbiýesi we nygmatlar üçin Alla şükür etmek bilen baglanyşykly-da ençeme hikmetleri bardyr.

# BIRINJI HIKMETI

Orazanyň Haktagalanyň rububiýeti bilen baglanyşykly tarapy:

Haktagala supra meňzedip ýaradan Ýer ýüzüni

مِنْ حَيْثُ لَا يَحْتَسِبُ

garaşylmadyk ýerden näzi-nygmatlardan püre-pür doldurmak bilen, rububiýetiniň, rahmaniýetiniň hem rahimiýetiniň kämilligini görkezýär. Adamzat gaflata düşýär we sebäplere aldanýar. Şeýdip, bu hakykatlary görmeýär ýa-da unudýar. Mübärek oraza aýynda bolsa musulmanlar berk düzgün-nyzamly goşuny ýadyňa salýar. Olar göýä, Ezeli Soltanyň zyýapatyna gün ýaşanyndan soň çagyrylmagyna garaşýan esgerlere meňzeýärler. Mahlasy, bu aýda musulmanlaryň her halynda Allanyň bendesine ýaraşýan tabynlyk görünýär. Olaryň özlerini şeýle alyp barmagy Haktagalanyň hiç wagt hiç bir jandary unutmaýan, mähirli, merhemetli

rahmaniýetine giň möçberde, külli we düzgün-nyzamly gulluk bilen jogap berdikleri bolýar. Heý-de, şeýle keramatly mertebädäki beýik ybadatdan çetde durýan adama "ynsan" diýip bolarmy?!

## IKINJI HIKMETI

Mübärek oraza aýynda agyz beklemegiň Haktagalanyň nygmatlarynyň gymmatyny bilmek, ýagny şükürana bolmak bilen baglanyşykly tarapy:

"Birinji sözdäki" mysalda bolşy ýaly, hyzmatkär patyşanyň aşhanasyndan getiren tagamlaryna nyrh kesýär. Üstesine, oňa tagamy getirip bereni üçin çaý pulam berilýär. Diýmek onda, araçy hyzmatkäre sylag-hormat edip, ol gymmatbaha nygmatlaryň gadyr-gymmatyny bilmän, ony ibereni bolsa tanamazlyk barypýatan akmaklyk bolmazmy?! Edil şonuň ýaly-da, Haktagala Zeminiň ýüzüne seçen çäksiz nygmatlary üçin adamazatdan şükürana bolmagy talap edýär. Bu nygmatlaryň öndürijisi hem eýesi ýaly bolup görünýän

sebäpler diňe araçydyr - hyzmatkärdir. Biz ol hyzmatkäre nyrh töläp ondan şol nygmaty satyn alýarys. Minnetdarlygymyzy oňa bildirýäris. Hatda çakdanaşa sylag-hormatam edýäris. Aslynda, araçy sebäbe däl-de, nygmatyň asyl eýesine minnetdarlyk bildirilmelidir. Minnetdarlyga ol laýykdyr. Nygmatlaryň ýaradylyşyna sebäpleri şärik goşman, olary Haktagalanyň ýaradandygyny bilmek we nygmatlaryň gymmatyna göz ýetirmek hem olara mätäçdigiňi duýmak - şüküranalykdyr. Mübärek orazada agyz beklemegiň özi, hakyky, sap-arassa hem köpçülikleýin berjaý edilýän azamatly şüküriň açary bolup durýar. Çünki, oraza aýyndan başga wagtda, agyz beklemek mejburlygy bolmansoň, köp adam hakyky açlygy duýmaýar. Şonuň üçin köp nygmatyň gadyrynam bilmeýär. Dok adam, esasanam gurply adam bir döwüm gury çöregiň gadyryny näbilsin?! Emma musulman adam agzaçar wagtynda şol gury çöregi dişländen, onuň gymmatyna

göz ýetirýär. Gury çöregiň örän gymmatbaha ylahy nygmatdygyna onuň tagam duýujy agzasy şaýatlyk edýär. Hawa, mübärek orazada patyşa-da, garyp-gasaram nygmatyň gymmatyna deň göz ýetirýär. Bu bolsa şükür hasabyna geçýär, ýagny şükür etmek bolýar. Şeýle hem, oraza aýynda gündizine iýip-içmek gadagan edilen adamyň: "Bu nygmatlar meniňki däl. Islän wagtym iýip-içmäge hakym ýok. Diýmek, bu nygmatlar başga bir iniňki bolmaly. Bulary iýmek üçin onuň emrine garaşýaryn" diýip, pikir öwürmegi hem-de ol zatlaryň nygmatdygyna göz ýetirmegi şükür hasabyna geçýär.

Ynha, şeýdip, adam agyz beklemek bilen, asyl berjaý etmeli işini ýerine ýetirýär, ýagny Haktagala şükür edýär.

# ÜÇÜNJI HIKMETI

Agyz beklemegiň jemgyýetçilik ýaşaýşy bilen baglanyşykly ençeme hikmetleri bolup, ynha, şolardan birini beýan edýäris:

Haktagala adamlary eklenç, gün-güzeran babatynda biri-birinden tapawutly edip ýaradypdyr. Şol sebäpli-de, Allatagala barly adamlara garyp-gasara ýardam etmegi ündeýär. Hawa, barjamly adamlar oraza aýynda açlygy öz başyndan geçirensoňlar, garyp-gasaryň gözgyny ýagdaýyna düşünýärler, açlygyň nämedigine doly göz ýetirýärler. Oraza bolmasa, birentek berimsiz baýlar aç, garyp adamyň ajy ýagdaýyny näbilsin?! Olaryň merhemete mätäçdigini-däldigini nireden bilsin?! Oraza aýynda bolsa adamlar birek-birige rehimli bolmagy öwrenýär. Özgä merhemet etmek bolsa hakyky şüküriň esasydyr. Islendik adam özünden has garyp birini tapyp biler. Her adam özünden has garyba merhemet etmäge borçludyr. Eger adam agyz beklemäge mejbur edilmedik

bolsady, özgä ýagşylyk etmegiň, goldaw bermegiň nämedigine düşünmezdi. Muňa özüni jogapkärem saýmazdy we eden ýagşylygam çynlakaý bolmazdy. Çünki, adamyň özi açlyk belasyny görmese, ajyň ýagdaýyna doly düşünmeýär.

## DÖRDÜNJI HIKMETI

Mübärek oraza aýynyň agyz beklemegiň nebsi terbiýelemek bilen baglanyşykly ençeme hikmetleri bolup, ynha, şu ýerde şolardan birini beýan edýäris:

Adamyň nebsi erkinligi isleýär. Ol özüni azat, erkindirin öýdýär. "Öz elim - öz ýakam" diýip, islänini edesi gelýär. Daş-töweregini gurşap alan nygmatlaryň ony terbiýelemek üçin berlendigini oýuna-da getirmeýär. Elinde dünýewi baýlyk hem erk-ygtyýar bar bolsa üstesine, gaflatda gezip ýören bolaýsa dagy, açgöz talaňçylar ýaly Allanyň nygmatlaryny ýalmap ýuwudar.

Emma, mübärek oraza aýynda dokuzy düzüw baýyňam, lüt düşen garybyňam nebsi öz-özüne hojaýyn

däldigine düşünýär. Hawa, nebis bu aýda başga biriniň mülkündedigine, elgarama bir guldugyna göz ýetirýär. Eger rugsat bolmasa, ol iýip-içmek ýaly iň ýönekeý, iň aňsat işi-de başaryp bilmez, hatda suwa elini hem uzadyp bilmez. Şeýlelikde, "Öz elim - öz ýakam" diýip, eňek bermän duran hälki nebis özüniň adaty bir guldugynyň parhyna barýar. Şunlukda, ol esasy işi bilen bolýar, ýagny Alla şükür edip başlaýar.

## BÄŞINJI HIKMETI

Mübärek oraza aýynda agyz beklemegiň nebsi erbetliklerden saplap, ony bozgaklyklardan dändirmek bilen baglanyşykly ençeme hikmetleri bolup, ynha, şu ýerde şolardan birini beýan edýäris:

Gaflata düşen adam nebsini unudýar. Onuň çäksiz ejizligini, ýardama mätäçligini bilmeýär. Çäksiz aýyplaryny görmeýär göresem gelmeýär. Özüniň nähili ejizdigini, ölümlidigini we bela-beterlerden dynmajakdygyny unudýar. Bedeniniň çüýräp gitjek

etden-süňkden ybaratdygyny, polat ýaly mäkäm däldigini unudýar. Dünýä malyna topulyşyny görseň, hiç ölmejek ýalydyr. Gözi zatdan doýmaýar. Bu dünýä janyteni bilen berilýär. Lezzet aljagyny ýa-da özi üçin peýdaly boljagyny bilen zadyndan asla el çekmeýär. Şeýdibem, özüni kämil merhemeti bilen terbiýelän Halygyny unudýar. Ömrüniň soňuny saýman ýaşaýar, ýagny ahyret ýaşaýşyny alada etmeýär, edenini-edip ýörýär.

Ine, mübärek oraza aýyndaky agyz beklemek gaflatyň öser ukusyndaky iň tekepbir adama-da ejizligini, ýarlykly garyplygyny ýatladýar. Başyndan açlyk inende, garnynyň aladasyny edip ugraýar. Aşgazanynyň mätäçlik çekýän zatlary barada oýa batýar. Ejiz bedeniniň durnukly däldigine düşünýär. Özüniň hiç zat başarmaýanyny, merhemete mätäçdigini aňýar. Nebsine gulak asmakdan boýun gaçyrýar, ýagny fyrawnlykdan we tekepbirlikden daşlaşýar. Ejizligini, elinden hiç zat

gelmeýän garyplygyny doly boýun alansoň, Alladan medet dilemek islegi döreýär. Şüküranalygy aňladýan bu haly bilen Allanyň rahmet gapysyna barmaga taýýarlyk görýär. Elbetde, gaflatda galyp, kalby gurum baglamadyk bolsa...

## ALTYNJY HIKMETI

Mübärek oraza aýynda agyz beklemegiň hikmetli Kuranyň Ýer ýüzüne iberilmegi bilen baglanyşykly, şeýle-de, hikmetli Kuranyň Ýere iberilen möhüm wagtynyň mübärek oraza aýy bolmagy bilen baglanyşykly ençeme hikmetleri bolup, ynha, şu ýerde şolardan birini beýan edýäris:

Hikmetli Kuran mübärek oraza aýynda inip başlan bolsa, onda bu mukaddes kitabyň Ýer ýüzüne inen aýynyň intizarynda bolmak bilen, Kurany-Haki:miň inen pursatyndaky ruhy howany gaýtadan döretmek bilen, nebsiň ýaman isleglerinden hem badyhowalygyndan daşlaşmak bilen, iýmek-içmekden ýüz öwrüp,

perişdelere meňzemek bilen, şeýle-de Ylahy ýüzlenmäni göýä inen mahalyndaky ýaly okap hem diňlemek bilen, has takygy, Resuli-Ekremden (aleýhissalatu wesselam), hatda hezreti Jebraýyldan, hatda Mütekellimi-Ezeliden (Allanyň hut özünden) diňlemek bilen mukaddes hala miýesser bolnar. Şeýle hala girmek bilen, bu aýda ol Kurana hakyky manyda dilmaçlyk edip bolar. Başgalaryň bolsa Kurany diňlemegine sebäp bolar. Şeýle mertebä mynasyp bolan adam Kuranyň Ýere inmeginiň hikmetini belli derejede görkezer.

Hawa, mübärek orazada musulman älemi bütewi bir metjide öwrülen ýaly bolýar. Millionlarça karylar ol ägirt metjidiň her künjünde Kurany - mukaddes ýüzlenmäni okap, Ýer ýüzüniň ýaşaýjylaryna eşitdirýärler.

شَهْرُ رَمَضَانَ الَّذِى اُنْزِلَ فِيهِ الْقُرْاٰنُ

aýaty her oraza aýynda aýdyň beýanyny tapýar hem-de orazanyň Kuran aýydygyny subut edýär. Bu ägirt

jemagatdan käbiri sermest bolup, karylary diňleýän bolsa, käbiri özbaşdak okaýar.

Ynha, betniýet nebsiň alyna gidip, arkaýyn iýip-içýän adam bu mukaddes metjidiň nurana howasyndan çykmak bilen, erbet ýagdaýa düşmezmi?! Şol metjidiň jemagatynyň öňünde abraýdan gaçmazmy?! Edil şonuň ýaly-da, mübärek oraza aýynda agyz bekleýänlere garşy çykýanlar külli musulmanlaryň gözünde ýigrenji bolup görünmezmi?

## ÝEDINJI HIKMETI

Oraza aýynda agyz beklemegiň bu dünýä ahyret üçin ekin ekmäge hem söwda etmäge gelen adamzadyň haýyr gazanjy bilen baglanyşykly ençeme hikmetleri bolup, ynha, şu ýerde şolardan birini beýan edýäris:

Mübärek oraza aýynda ýekeje haýyrly iş üçin müň sogap ýazylýar. Bir hadysda Kuranyň her harpy üçin on sogap ýazyljakdygy aýdylýar, ol hem on ýagşylyk, ýagny jennetiň on miwesi diýmekdir. Mübärek oraza aýynda

okalan Kuranyň her bir harpy üçin bolsa on däl-de, müň sogap ýazylýar. "Aýetül-Kürsi" ýaly aýatlaryň her harpy üçin müňlerçe sogap ýazylýar. Orazanyň anna günlerinde Kuran okamagyň sogaby hasam artýar. Gadyr gijesinde bolsa Kuranyň her harpy üçin otuz müň sogap ýazylýar.

Hawa, her bir harpy otuz müň sany baky miwe berýän hikmetli Kuran mübärek oraza aýynda nurana Tugba agajy ýaly, musulmanlara millionlarça baky miweler eçilýär.

Ine, gel, bu mukaddes, ebedi hem örän girdejili söwdany senem bir gör! Bu harplaryň gymmatyny bilmeýänleriň nähili zyýana galýandygy hakda özüň oýlanyp gör!

Hawa, mübärek oraza aýy ahyret üçin peýda getirjek, girdeji gazandyrjak bazara, sergä meňzeýändir. Şeýle hem, ol hasyly ahyretde ýygnalýan mes topraga, "amal" meýdanyny al-ýaşyla büreýän ýaz ýagşyna meňzeýär.

Ylahy soltanlygyň öňünden gulluk borjuny berjaý edip, dabaraly ýöreýiş bilen geçýän adamzadyň örän şowhunly mukaddes baýramçylygyna meňzeýändir. Şonuň üçinem, iýmek-içmek ýaly nebse hoş ýakýan isleglerinden, ähmiýetsiz höweslerinden el çekmegi üçin, bu aýda adamzada agyz beklemek buýrulypdyr. Agyz beklemek - wagtlaýynça haýwanylykdan saýlanyp, perişdelere meňzemekdir. Ahyretde peýda berjek söwda baş goşup, dünýewi mätäçlikleri wagtlaýynça terk etmekdir. Ahyret adamsyna - beden bolup görünýän ruha öwrülmekdir. Mahlasy, Allanyň Samediýetini özüňde şöhlelendirmekdir.

Hawa, oraza aýy adama bu pany dünýäde, gysga ömürde, gysga wagtda baky ömri, baky ýaşaýşy gazandyrýar. Diýmek, mübärek oraza bakylygy özünde besleýän aý eken.

Hawa, ýekeje orazada segsen ýylyň hasylyny almak bolýar. Muňa Gadyr gijesiniň müň aýdan haýyrlydygyny

bildirýän Kuran aýaty anyk delil bolup durýar. Meselem, islendik hökümdar özüniň hököm sürýän döwründe tagta geçen gününi ýa-da häkimiýetiniň berkerar bolmagy bilen bagly käbir günleri aýratyn baýramçylyk hökmünde belläp geçýär. Şeýle günlerde ol raýatlaryna adaty günlerdäki ýaly däl-de, bütinleý başgaça garaýar. Hawa, ol raýatyndan sylag-hormata mynasyp saýýanlaryna we özüne wepaly gulluk edýänlere aýratyn sylag-serpaý eçilýär. Olary güler ýüz bilen kabul edip, hiç bir araçysyz, hut öz eli bilen halat-serpaý ýapýar. Olara hut özi hezzet-hormat edýär. Edil şonuň ýaly-da, Ezeliň we Ebediligiň Soltany, on sekiz müň älemiň beýik Hökümdary on sekiz müň älemden gürrüň açýan şanly permanyny - hikmetli Kurany mübärek oraza aýynda iberipdir. Onda, ramazan aýynyň ylahy baýramçylyk, rabbany sergi hem ruhy barlyklaryň dabaraly mejlisi hökmünde bolmagy Onuň hikmetiniň talaby bolup durýar. Diýmek, oraza aýy baýram aýy

bolýandygy üçin, adamlary erbetliklerden hem haýwana mahsus endiklerden daşlaşdyrmak üçin elbetde olara agyz beklemegi-de buýrar.

Orazanyň birkemsiz berjaý edilmegi üçin bolsa diňe aşgazana däl, eýsem göz, gulak, ýürek, hyýal, pikir ýaly beýleki duýgulara-da oraza tutdurylmalydyr ýagny olar harama, ähmiýetsiz dünýewi işlere ýanaşdyrylman, hersi özlerine mahsus ybadatlaryny berjaý etmeklige gönükdirilmelidir.

Meselem, Dili ýalan gepden, gybatdan uzak tutmaly hem paýyş söz aýtmagyna asla ýol bermeli däl. Dile Kuran okatmalydyr, zikir hem tesbih çekdirmelidir, dile Pygamberimize (s.a.w) salawat getirtmelidir hem toba etdirmelidir...

Meselem, göze nämähreme seretmegi, gulaga erbet gürrüňleri eşitmegi gadagan etmeli. Göz ybrat alynjak zatlara seretmeli. Gulak bolsa hak sözi - Kurany diňlemeli. Ynha, edil şunuň ýaly edip, adamyň beýleki

agzalaryna-da oraza tutduryp bolýar. Galyberse-de, agyz beklemek bilen adamyň iň uly fabrigi bolan aşgazana dynçlyk berilse, onda beýleki kiçi agzalary-da öz-özünden oňa tabyn bolarlar.

## SEKIZINJI HIKMETI

Mübärek orazanyň adamyň şahsy ýaşaýşy bilen baglanyşykly ençeme hikmetlerinden biri:

Agyz beklemek adam üçin iň peýdaly dermanlardan biridir. Agyz beklemek bilen, adam beden we ruhy taýdan terbiýelenýär, ýagny ol berhiz tutýar. Adam nebsiniň islän zadyny iýiberse, saglygyna zeper ýetirer. Halaly-haramy saýgarman, gabat gelen zadyny garnyna gapgarmak bilen, ol ruhy dünýäsine-de zäher gatar. Şunlukda, nebsiň ýürege we ruha tabyn bolasy gelmez. Nebis jylawy eline alansoň, kejeňekligine tutup başlar. Onsoň adam ony özüne tabyn edip bilmez, gaýtam ol nebsine tabyn bolar. Mübärek oraza aýynda bolsa, adam agyz beklemek bilen berhiziň bu görnüşine öwrenişýär.

Az iýmit bilen ýaşamagy, buýruga boýun bolmagy öwrenýär. Heniz öňki iýenini siňdirmän, iýip-içmezligi endik edinýär. Şeýlelikde, biçäre ejiz aşgazanyň hassa bolmagyna ýol bermeýär. Oraza aýynda, halalam bolsa, gündizine hiç zat iýmezlik bilen, adamyň akyla gulak goýmak we şerigatyň buýruklaryna tabyn bolmak başarnygy kämilleşýär. Ol şeýdip, içki dünýäsiniň päkligini aýap saklaýar.

Adamlaryň aglabasy açlyk belasyna sezewar bolup görendir. Sabyrlylygy we çydamlylygy öwredýän açlyga öwrenişmek üçin, türgenleşmek gerek. Mübärek oraza aýynda agyz beklemek, ýagny on bäş sagat, selälik iýilmedik ýagdaýynda ýigrimi dört sagat aç gezmek sabyrly, çydamly bolmagy öwrenmek üçin, öz-özüňi terbiýelemek (ryýazat) üçin iň oňat türgenleşikdir. "Diýmek, bela-beteri iki esse köpeldýän sabyrsyzlygyň, çydamsyzlygyň alajy - orazadyr."

Şeýle hem, fabrige meňzeýän aşgazanyň ençeme işgärleri bar. Hawa, adam agzalarynyň köpüsi aşgazan bilen baglanyşykly. Eger-de ol fabrigiň işi wagtlaýyn togtadylmasa, ýagny bir aýlap, gündizine duruzylmasa, nebis ol fabrigiň işgärleriniň, ýagny beýleki agzalaryň özüne mahsus ybadatlaryny unutdyrýar. Olaryň gözüni-başyny aýlap, ünsi özüne çekýär. Olary öz agzyna garadyp başlaýar. Ol fabrigiň çarhlarynyň gohy hem çykarýan tüssesi ynsanyň beýleki agzalaryna-da öz täsirini ýetirýär. Olary başagaý edýär. Bu pursatdan nebis peýdalanýar. Olaryň ünsüni özüne çekýär. Olara öz borçlaryny wagtlaýyn unutdyrýar. Şonuň üçinem, weliler özlerini kämilleşdirmek maksady bilen, ryýazata baş urupdyrlar, ýagny az iýip-içmegi endik edinipdirler.

Mübärek oraza aýynda agyz beklemegiň netijesinde, "aşgazan" atly fabrigiň "işgärleri" diňe bu fabrige hyzmat etmek üçin ýaradylmandyklaryna göz ýetirýärler. Oraza aýynda adamyň beýleki agzalary bu

fabrigiň maddy lezzetleriniň ýerine, perişdelerdir ruhy barlyklar ýaly, ruhy lezzetleriň gözleginde bolýarlar. Şonuň üçinem, mübärek oraza aýynda her musulman iman derejesine görä nurlanýar, ruhy berekete, magnawy hoşnutluga miýesser bolýar. Mübärek oraza aýynda kalp, ruh, akyl, syr ýaly duýgularam kämilleşýär we ruhy berekete miýesser bolýarlar. Aşgazan aglasa-da, olar mähir bilen ýylgyrýarlar.

## DOKUZYNJY HIKMETI

Mübärek oraza aýynda agyz beklemegiň gönüden-göni nebsi hyýaly hudaýlyk düşünjesinden dändirmek hem-de ejizligini ýüze çykaryp, bir guldugyny bildirmek bilen baglanyşykly ençeme hikmetlerinden birisi şudur:

Nebis Rabbyny ykrar etmeýär, edil Pyrgun ýaly, özüni Hudaýa deňeýär. Hernäçe ezýet çekdirilse-de, ol bu erbet gylygyny hergiz goýmaýar. Emma açlyk welin, ony ýola getirýär.

Ine, mübärek oraza aýynda agyz beklemek bilen, nebsiň "Fyrawnlyk" galasy güýçli zarba sezewar bolýar we ýumrulýar. Nebse ejizligi, gowşak tarapynyň bardygy, garyp biçäredigi görkezilýär. Nebsem özüniň adaty bir guldugyna düşünýär.

Ýeri gelende, bir hadysy ýatlamagy müwessa bilýärin:

Haktagala nebisden: - Men kim, sen kim? - diýip, sorapdyr.

Nebis:

Men-ä - men, senem - sen! - diýip, jogap beripdir. Haktagala ony dowzaha atyp azap beripdir. Soňra Ol hälki soragyny tekrarlapdyr. Nebis ýene-de:

Men-ä - men, senem - sen! - diýip, jogap beripdir. Allatagala ony her hili ýollar bilen gynap görüpdir, emma nebis barybir tekepbirligini goýmandyr. Ahyrsoňy Allatagala ony aç goýup, başdaky soragyny täzeden sorapdyr:

Men - ene wemä ente?

Nebis bolsa:

Ente Rabbir-rahimü we ene abdükel-a:jiz, ýagny "Sen meniň Rabby-Rahymymsyň, men Seniň ejiz bir guluň.... -diýip, jogap beripdir.

اَللّٰهُمَّ صَلِّ وَسَلِّمْ عَلٰى سَيِّدِنَا مُحَمَّدٍ صَلَاةً تَكُونُ لَكَ رِضَاءً وَ لِحَقِّهِ اَدَاءً بِعَدَدِ ثَوَابِ قِرَائَةِ حُرُوفِ الْقُرْاٰنِ فِى شَهْرِ رَمَضَانَ وَ عَلٰى اٰلِهِ وَ صَحْبِهِ وَ سَلِّمْ

سُبْحَانَ رَبِّكَ رَبِّ الْعِزَّةِ عَمَّا يَصِفُونَ * وَسَلَامٌ عَلَى الْمُرْسَلِينَ

* وَ الْحَمْدُ لِلّٰهِ رَبِّ الْعَالَمِينَ اٰمِينَ

**Bellik:** Şu risale kyrk minudyň dowamynda, ýagny örän az wagtda ýazyldy. Üstesine, menem bu eseri ilki ýazan kätibimem ýarawsyzdyk. Şonuň üçin elbetde içinde käbir düşnüksiz, kem-käs ýerleri bolmagy ahmal. Doganlarymyz biziň ýagdaýymyza düşüner diýip umyt edýärin. Düzeldilmeli ýeri bar bolsa düzediş girizip bilersiňiz.

* * *

Bu salgy boýunça bize ýüz tutup bilersiňiz

risale.info@gmail.com